***Türkmen halky owal-ahyrda kitaba çuňňur sarpa goýýar. Kitap — dünýäniň syryny açýan gudrat. Türkmençilikde mukaddeslikleri ýüzüňe sylmak parz hasaplanýar. Kitabyň hem ýüze sylynmagy türkmen halkynyň oňa goýýan belent sarpasynyň nyşanydyr. Şoňa görä-de, Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitaby ýaş nesillerimiz üçin aýratyn gymmatly sowgat boldy.***

Gahryman Arkadagymyzyň şöhratly geçmişimiz, milli taryhymyz barada beýan eden parasatly pikirleri, ylmy taýdan esaslandyrylan garaýyşlary biziň her birimiz üçin nusgalykdyr. Milli Liderimiziň: «Ýollar we iller, ykballar we ahwallar, hadysalar we netijeler hakda pikir ýöredýärin. Şonda adamzat taryhyndaky iň gadymy medeni ojaklaryň hut şu topraklarda döräp, soňra töwereklere, sebitlere, dünýä ýaýrandygy hakyndaky hakykata buýsanýaryn. Dogrudanam, taryh şu ýerden başlanýar. Taryh şu ýerde dowam edýär» diýmek bilen, geçmiş taryhymyzy milli buýsanç esasynda beýan etmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Bu ganatly jümleleriň aňyrsynda Watana bolan söýgi, watançylyk ýaly iň kämil duýgular bar. Çünki milli taryha buýsanç watansöýüjiligiň baş çeşmesidir. Ähli eserlerinde ata Watany söýmegi, gözüň göreji deýin goramagy, eziz görmegi ündeýän Gahryman Arkadagymyzyň: «Ynsana öz Watanyny söýmekden uly bagt ýokdur. Iň belent söýgi Watan söýgüsidir» diýen sözleri hem bu günki türkmen ýaşlarynyň watançylyk senasy bolup ýaňlanýar.

Gahryman Arkadagymyz bu kitabynda: «Häzirki döwürde ildeşlerimiziň, şol sanda ýaşlaryňda gadymy taryhdan söz açýan eserler bilen aýratyn gyzyklanýandyklarynyň şaýady bolanymda, örän begenýärin» diýip belleýär. Ýurdumyzyň ösüşinde ýaşlara uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň belent ynamyny ödemek mukaddes borçdur, baş wezipedir. Sebäbi «Ýaşlar biziň geljegimizdir» diýýän Gahryman Arkadagymyz hem-de ilkinji kitabyny ýaşlara bagyşlan Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaş nesilleriň döwrebap ylym-bilim almagy, milli ruhda terbiýelenmegi üçin bimöçber tagallalar edýär. Munuň üçin türkmen ýaşlary Milli Liderimize hem-de hormatly Prezidentimiz tükeniksiz alkyşlar aýdýarlar.

**Ýolly ALLABERDIÝEWA,**
**TMÝG-niň Darganata etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026